# Girdejiler üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak barada Türkmenistanyň Hökümeti bilen Finlýandiýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda YLALAŞYK

Türkmenistanyň Hökümeti we Finlýandiýa Respublikasynyň Hökümeti,

Girdejiler üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak barada Ylalaşyk baglaşmak isläp,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-nji madda
## Özleri barada Ylalaşyk ulanylýan taraplar

Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de dahyllylary bolup durýan taraplar babatda ulanylýar.

## 2-nji madda
## Öz içine alýan salgytlary

1. Şu Ylalaşygyň hereketi Ylalaşýan Döwletiň ýa-da onuň edara ediş birliginiň, ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň adyndan girdejiler üçin salynýan salgytlary almagyň usulyna garamazdan, şol salgytlara degişlidir.

2. Girdejileriň umumy möçberinden, maýanyň umumy möçberinden ýa-da girdejileriň aýry-aýry böleklerinden alynýan ähli salgytlar, şol sanda gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan salgytlar, kärhanalar tarapyndan tölenilýän iş hakynyň ýa-da hak-heşdegiň umumy jeminden alynýan salgytlar, şeýle hem maýanyň artyşyndan gelýän girdejilerden alynýan salgytlar girdeji üçin salgytlar hasaplanylýar.

3. Şu Ylalaşyga degişli bolan salgytlar, hususan-da, şular bolup durýar:

a) Finlýandiýada:

(i) döwlet girdeji üçin salgytlary;

(ii) korporatiw girdeji üçin salgytlary;

(iii) jemagat salgydy;

(iv) ybadathana salgydy;

(v) göterimlerden tölegleriň çeşmesinden salgyt;

(vi) dahyllysy dälleriň girdejisinden tölegleriň çeşmesinden salgyt;

(mundan beýläk « Finlýandiýanyň salgytlary» diýlip atlandyrylýar);

b) Türkmenistanda:

(i) edara görnüşli taraplaryň peýdasy (girdejisi) üçin salgyt;

(ii) şahsy taraplaryň girdejileri üçin salgyt;

(mundan beýläk «Türkmenistanyň salgytlary» diýlip atlandyrylýar).

4. Şeýle hem şu Ylalaşyk oňa gol çekilen seneden soň bar bolan salgytlara goşmaça ýa-da olaryň ýerine alynjak birmeňzeş ýa barabar salgytlar babatda ulanylýar. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary öz salgyt kanunlaryna girizilen islendik düýpli üýtgetmeler barada bir-birine habar bererler.

**3-nji madda**
**Umumy kesgitlemeler**

1. Eger ýazgydan başgaça many çykmaýan bolsa, şu Ylalaşygyň maksatlary üçin:

a) «Finlýandiýa» adalgasy Finlýandiýa Respublikasyny we geografiki manyda ulanylanda Finlýandiýa Respublikasynyň çäklerini we Finlýandiýanyň kanunlaryna hem-de halkara hukugyna laýyklykda Finlandiýa Respublikasynyň territorial suwlaryna ýanaşyk Finlýandiýanyň deňiz düýbüni we ýokarky suwlaryny, baýlyklaryny, şeýle hem tebigy serişdelerini barlamak we peýdalanmak babatda hukuklary amala aşyrylyp bilinjek islendik beýleki çäkleri aňladýar;

b) «Türkmenistan» adalgasy halkara hukugyna laýyklykda, Türkmenistanyň özygtyýarly hukuklaryny ýa-da ýurisdiksiýasyny amala aşyrýan deňiz zolaklary (şol sanda kenarýaka we suwasty zolaklary) bilen bilelikde guryýer serhetlerini öz içine alýan Türkmenistanyň çäklerini aňladýar;

ç) «tarap» adalgasy şahsy tarapy, kompaniýany ýa-da taraplaryň islendik beýleki birleşigini aňladýar;

d) «kompaniýa» adalgasy islendik korporatiw birleşigi ýa-da salgyt salmak maksatlary üçin korporatiw birleşik hökmünde garalýan islendik beýleki guramany aňladýar;

e) «kärhana» adalgasy islendik telekeçilik işini amala aşyrmak babatda ulanylýar;

f) «Ylalaşýan Döwletleriň biri» we «Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisi» diýen adalgalar ýazga baglylykda Türkmenistany ýa-da Finlýandiýany aňladýar;

g) «Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasy» we «Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň kärhanasy» adalgasy degişlilikde Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany we Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany aňladýar;

h) «milli tarap» adalgasy Ylalaşýan Döwlet babatda:

(i) şol Ylalaşýan Döwletiň raýatlygy bolan islendik şahsy tarapy; we

(ii) şeýle derejeli hukuk ýagdaýyny şol Ylalaşýan Döwletde hereket edýän kanunlar esasynda alan islendik edara görnüşli tarapy, şereketi ýa-da assosiasiýany aňladýar.

i) «halkara gatnatmasy» adalgasy hakyky dolandyrylýan ýeri Ylalaşýan Döwletleriň birinde ýerleşýän kärhana tarapyndan ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisiniň amala aşyrýan islendik gatnatmasyny aňladýar, şeýle deňiz ýa-da howa gämisiniň diňe Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde ýerleşýän ýerleriň arasynda gatnatma üçin ulanylýan halatlary muňa girmeýär;

j) «ygtyýarly edara» adalgasy:

(i) Finlýandiýada – Maliýe ministrligini, onuň ygtyýarly edilen wekilini ýa-da Maliýe ministrliginiň adyndan ygtyýarly edara hökmünde ygtyýarly edilen edarany;

(ii) Türkmenistanda – Maliýe ministrligini we Baş döwlet salgyt gullugyny ýa-da olaryň ygtyýarly edilen wekilini;

k) «telekeçilik işi» adalgasy hünär hyzmatlaryny etmegi we garaşsyz häsiýetli beýleki işi ýerine ýetirmegi öz içine alýar.

2. Ylalaşýan Döwlet tarapyndan şu Ylalaşyk islendik wagt ulanylan mahaly, eger ýazgydan başgaça many gelip çykmaýan bolsa, Ylalaşykda kesgitlemesi berilmedik islendik adalga şol Döwletiň Ylalaşyk degişli bolan salgytlar babatdaky kanunçylygynda oňa berýän manysyna eýe bolar we bu Döwletiň hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda onuň islendik manysyna bu Döwletiň beýleki kanunlary tarapyndan bu adalga berilýän manysyndan ýokary many berilýär.

## 4-nji madda
## Dahyllysy

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy» adalgasy şol Döwletiň kanunçylygy boýunça ýaşaýan ýeri, hukuk salgysy, hemişelik bolýan ýeri, dolandyryş ýeri, korporasiýanyň döredilen (hasaba alnan) ýeri ýa-da başga bir barabar görkeziji esasynda salgyt salynmaga

degişli islendik tarapy aňladýar, şeýle hem şol Döwleti we onuň islendik syýasy bölümini, hukuk ýagdaýyna görä döredilen edarany ýa-da ýerli häkimiýet edarasyny öz içine alýar. Emma bu adalga diňe şol Döwletdäki çeşmelerden alnan girdejiler babatda şol Döwletde salgyt salynmaga degişli tarapy öz içine almaýar.

2. Eger şahsy tarap 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan bolsa, onuň hukuk ýagdaýy şu usulda kesgitlenilýär:

a) ol hemişelik we onuň üçin elýeterli ýaşaýyş jaýy bolan Döwletiniň dahyllysy hasaplanylýar; eger onuň Döwletleriň ikisinde-de hemişelik we elýeterli ýaşaýyş jaýy bar bolsa, onda ol haýsy Döwletde has ysnyşykly şahsy we ykdysady aragatnaşyklary (durmuş bähbitleriniň merkezi) bar bolsa, şol Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

b) eger-de onuň durmuş bähbitleriniň merkezi bar bolan Döwletini kesgitläp bolmasa ýa-da onuň Döwletleriň hiç birinde hemişelik we onuň üçin elýeterli ýaşaýyş jaýy bolmasa, ol diňe adatça ýaşaýan ýeri bolan Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

ç) eger-de ol, adatça Döwletleriň ikisinde-de ýaşaýan bolsa ýa-da adatça olaryň hiç birinde hem ýaşamaýan bolsa, ol diňe haýsy Döwletiň milli tarapy bolup durýan bolsa, şol Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

d) eger-de ol Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de milli tarapy bolup durýan bolsa ýa-da olaryň hiç biriniň milli tarapy bolmasa, onda Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşmak boýunça çözýärler.

3. Eger şahsy tarap bolmadyk tarap 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan bolsa, onda Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşyk boýunça çözýärler we şeýle taraplar üçin Ylalaşygy beýan etmegiň görnüşini kesgitleýärler (usulyny belleýärler).

**5-nji madda**
**Hemişelik wekilçilik**

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «hemişelik wekilçilik» adalgasy kärhananyň telekeçilik işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik ýerini aňladýar.

2. «Hemişelik wekilçilik» adalgasy, hususan-da, şulary öz içine alýar:

a) dolandyryş ýerini;

b) bölümi;

ç) edarany;

d) fabrigi;

e) ussahanany; we

ä) şahtany, nebit ýa-da gaz guýusyny, karýeri ýa-da tebigy serişdeleri gözlemek, işläp geçmek we çykarmak bilen bagly iş geçirilýän başga bir islendik ýeri.

3. Gurluşyk meýdançasy ýa-da ýygnaýyş ýa-da gurnama desgasy eger 12 aýdan köp wagt hereket edýän bolsa, hemişelik wekilçiligi emele getirýär.

4. Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, «hemişelik wekilçilik» diýen adalga şulary öz içine almaýar:

a) desgalaryň diňe şu kärhana degişli harytlary ýa-da önümleri saklamak, görkezmek ýa-da ibermek maksatlary üçin ulanylmagyny;

b) şu kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe saklamak, görkezmek we ibermek maksatlary üçin saklanylmagyny;

ç) şu kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe başga bir kärhana tarapyndan gaýtadan işlemek maksatlary üçin saklanylmagyny;

d) telekeçilik işiniň hemişelik ýeriniň diňe harytlary ýa-da önümleri satyn almak maksatlary üçin ýa-da bu kärhana maglumatlary toplamak üçin saklanylmagyny;

e) telekeçilik işiniň hemişelik ýeriniň diňe şu kärhana üçin taýýarlyk görüji ýa-da kömekçi häsiýetli başga bir islendik işi amala aşyrmak maksady bilen saklanylmagyny;

ä) telekeçilik işiniň hemişelik ýeriniň diňe işiň (a)-dan – (e) çenli kiçi bölümlerde görkezilen görnüşleriniň islendik usulda utgaşdyrylmagy üçin saklanylmagyny, hemişelik iş ýeriniň şeýle utgaşdyrma netijesinde ýüze çykýan jemi işiň taýýarlyk görüji ýa-da kömekçi häsiýetli bolan şertinde.

5. 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünlerine garamazdan, eger özi barada 6-njy bölümiň düzgünleri ulanylýan garaşsyz derejeli ýumuşçydan başga bir tarap kärhananyň adyndan hereket edýän we Ylalaşýan Döwletde şol kärhananyň adyndan şertnamalary baglaşmaga ygtyýarlygy bar bolsa we adatça şol ygtyýarlygy ulanýan bolsa, onda bu kärhana şu Döwletde şol tarapyň kärhana üçin amala aşyrýan islendik işi babatda hemişelik wekilçiligi bar hökmünde garalýar, bu tarapyň işi 4-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda telekeçilik işiniň hemişelik iş ýeriniň üstünden amala aşyrylýan bolsa-da, onuň bu telekeçilik işiniň hemişelik iş ýerini hemişelik wekilçilige öwürmeýän we şu bölümde görkezilen işiň görnüşleri bilen çäklenmeýän halatlary muňa girmeýär.

6. Eger kärhana Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini diňe araçynyň, dellalyň ýa-da garaşsyz hukuk ýagdaýy bolan başga bir islendik ýumuşçynyň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, şol taraplar öz adaty telekeçilik işiniň çäklerinde hereket edýän şertde kärhana şol Döwletde hemişelik wekilçiligi bar hökmünde garalmaz.

7. Ylalaşýan Döwletiň biriniň dahyllysy bolan kompaniýanyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýa gözegçilik edýän ýa-da ol tarapyndan gözegçilik edilýän bolsa, ýa-da şol beýleki Döwletde telekeçilik işini (ýa hemişelik wekilçiligiň üsti bilen, ýa-da başga bir usulda) amala aşyrýan bolsa, bu ýagdaýyň özi şol kompaniýalaryň birini beýleki kompaniýanyň hemişelik wekilçiligine öwürýändigini aňlatmaýar.

## 6-njy madda
## Gozgalmaýan emläkden alynýan girdejiler

1. Ylalaşýan Döwletiň biriniň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläkden alýan girdejilerine (şol sanda oba ýa-da tokaý hojalygyndan alýan girdejisine) şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

2. «Gozgalmaýan emläk» adalgasy garalýan emlägiň ýerleşýän ýeri bolan Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda bar bolan mana eýedir. Bu adalga islendik halatda gozgalmaýan emläk babatdaky kömekçi emlägi, oba we tokaý hojalygynda ulanylýan mallary we enjamlary, özi barada ýer eýeçiligi babatdaky kanunçylygyň düzgünleri ulanylýan hukuklary, gozgalmaýan emlägiň uzufrukty hökmünde belli bolan hukugy hem-de gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary, çeşmeleri we beýleki tebigy serişdeleri işläp geçmek üçin öwezini dolma hökmünde tölenilýän üýtgeýän we kesgitli tölegler üçin hukuklary ýa-da gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary, çeşmeleri we beýleki tebigy serişdeleri işläp geçmek üçin hukugy öz içine alýar; deňiz, derýa we howa gämilerine gozgalmaýan emläk hökmünde garalmaýar.

3. 1-nji bölümiň düzgünleri gozgalmaýan emlägi göni peýdalanmakdan, kärendä bermekden ýa-da başga bir islendik görnüşde peýdalanmakdan alynýan girdejiler babatda hem ulanylýar.

4. Eger kompaniýadaky paýnamalaryň eýeçiligi ýa-da beýleki korporatiw hukuklar şeýle paýnamalaryň we korporatiw hukuklaryň eýesine kompaniýa degişli gozgalmaýan emlägi göni ulanmakdan, kärendesine bermekden ýa-da şeýle hukugy islendik beýleki görnüşde ulanmakdan girdeji almaga hukuklary berýän bolsa, gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän Ylalaşýan Döwletinde salgyt salnyp bilner.

5. 1-nji we 3-nji bölümleriň düzgünleri kärhananyň gozgalmaýan emläginden alynýan girdejiler babatda hem ulanylýar.

## 7-nji madda
## Telekeçilik işinden alynýan peýda

1. Eger Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üstünden telekeçilik işini amala aşyrmaýan bolsa, şol kärhananyň alýan peýdasyna diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir. Eger kärhana telekeçilik işini ýokarda agzalan görnüşde amala aşyrýan bolsa, onda kärhananyň peýdasyna beýleki Döwletde, ýöne diňe onuň şu hemişelik wekilçilige degişli bölegi babatda salgyt salnyp bilner.

2. 3-nji bölümiň düzgünlerini nazara almak bilen, eger bir Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, onda şol hemişelik wekilçiligiň hut şonuň ýaly ýa-da barabar şertlerde hut şonuň ýaly ýa barabar iş bilen meşgullanýan aýrybaşgalanan we aýratyn kärhana bolan hem-de özi hemişelik wekilçiligi bolan kärhanadan doly garaşsyz hereket edende alyp biljek peýdasy Ylalaşýan Döwletleriň her birinde şol hemişelik wekilçilige degişlidir.

3. Hemişelik wekilçiligiň peýdasynyň möçberi kesgitlenilen mahaly şeýle hemişelik wekilçiligiň maksatlary üçin çeken çykdajylarynyň, şol sanda dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylarynyň hemişelik wekilçiligiň ýerleşýän ýeri bolan Döwletde ýa-da başga ýerde çekilendigine garamazdan, şol çykdajylaryň kemilmegine rugsat berilýär.

4. Eger Ylalaşýan Döwletde hemişelik wekilçilige degişli peýdany kärhananyň peýdasynyň umumy möçberini onuň dürli düzüm birlikleriniň arasynda barabarlykda paýlamak esasynda kesgitlemek adaty tejribe bolsa, onda 2-nji bölümde hiç bir zat bu Ylalaşýan Döwlete salgyt salynmaga degişli peýdany adaty kabul edilen paýlamak arkaly kesgitlemegi gadagan etmeýär, ýöne paýlamagyň saýlanyp alnan usuly şu maddadaky degişli ýörelgelere laýyk gelýän netijeleri bermelidir.

5. Hiç bir peýda diňe hemişelik wekilçiligiň kärhana üçin harytlary ýa-da önümleri satyn almagy esasynda oňa degişli edilip bilinmez.

6. Eger muny üýtgetmek üçin degerli we ýeterlik sebäpler bolmasa, ýokardaky bölümleriň maksatlary üçin hemişelik wekilçilige degişli peýda her ýyl şol bir usul arkaly kesgitlenilýär.

7. Eger peýda girdejileriň şu Ylalaşygyň beýleki maddalarynda aýratyn gürrüňi edilýän görnüşlerini öz içine alýan bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri şol maddalaryň düzgünlerine täsir etmeýär.

**8-nji madda**
**Deňiz we howa gatnatmalary**

1. Bir Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň deňiz ýa-da howa gämilerini halkara gatnawlarynda ulanmakdan alýan peýdasy diňe şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy tarapyndan konteýnerleri (şol sanda treýlerleri, baržany we olara degişli enjamlary) harytlary we önümleri daşamak üçin peýdalanmakdan, ulanmakdan ýa-da kärendesine bermekden alynýan peýda, diňe şol Döwletde salgyt salynýar, şol konteýnerleriň diňe beýleki Ylalaşýan Döwletiň çäklerindäki nokatlaryň arasynda harytlary ýa-da önümleri daşamak üçin ulanylan halatlary muňa girmeýär.

3. 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulag serişdelerini ulanmak boýunça pul-a, bilelikdäki kärhana ýa-da halkara guramasyna gatnaşmakdan alynýan peýda babatda hem ulanylýar.

**9-njy madda**
**Şärikli kärhanalar**

1. Eger:

a) bir Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa keseden gatnaşýan, ýa-da

b) şol bir taraplar Ylalaşýan Döwletiň biriniň kärhanasyny we Ylalaşýan Döwletiň beýlekisiniň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegiçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da keseden gatnaşýan bolsa we bellenip geçilen halatlaryň islendiginde iki kärhananyň arasynda olaryň täjirçilik ýa-da maliýe gatnaşyklarynda iki garaşsyz kärhananyň arasynda bolmalysyndan tapawutlanýan şertler döredilýän ýa-da bellenilýän bolsa, onda kärhanalaryň birine geçirilip bilinjek, ýöne şol şertleriň bolmagy sebäpli geçirilmedik islendik peýda şol kärhananyň peýdasyna goşulyp we degişlilikde oňa salgyt salnyp bilner.

2. Eger Ylalaşýan Döwlet şol Döwletiň kärhanasynyň şol beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salnan peýdasyny birinji Döwletiň kärhanasynyň peýdasyna goşanda we degişlilikde salgyt salanda we şeýlelikde goşulan peýda iki kärhananyň arasynda bellenen şertler iki garaşsyz kärhananyň arasyndaky ýaly bolan şertde birinji agzalan Döwletiň kärhanasynyň adyna hasaplanylan peýda bolup durýan halatda, onda şol beýleki Döwlet şol peýda üçin özünde hasaplanylan salgyt barada degişli düzedişi girizer. Şeýle düzediş kesgitlenilen mahaly şu Ylalaşygyň beýleki düzgünleri bolmalysy ýaly nazara alynýar, Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bolsa, zerur mahaly, bir-biri bilen maslahatlaşar.

**10-njy madda**
**Diwidendler**

1. Bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna töleýän diwidendlerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ýöne şeýle diwidendlere olary töleýän kompaniýanyň öz dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletinde hem onuň kanunçylygyna laýyklykda salgytlar salnyp bilner, emma diwidendleriň hakyky alyjysy beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolsa, onda şeýle usulda alynýan salgyt:

a) eger-de diwidendleriň eýesi diwidendleri töleýän kompaniýanyň maýasynyň azyndan 25 göterimi göni degişli bolan kompaniýa (şereket bolmadyk) bolsa, diwidendleriň jemi möçberiniň 5 göteriminden;

b) ähli beýleki ýagdaýlarda bolsa, diwidendleriň jemi möçberiniň 15 göteriminden köp bolmaly däldir.

Bu bölüm kompaniýa ujundan diwidendler tölenilýän peýda babatda salgyt salynmagyna täsir etmeýär.

3. «Diwidendler» adalgasy şu maddada ulanylan mahaly paýnamalardan we bergi talaplary bolup durmaýan, ýöne peýda gatnaşmaga hukuk berýän beýleki hukuklardan alynýan girdejileri, şeýle hem peýdany paýlaýan kompaniýa dahyllysy bolup durýan şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda paýnamalardan alynýan girdejiler ýaly şeýle salgyt salynmagyna degişli beýleki korporatiw hukuklardan alynýan girdejini hem aňladýar.

4. Eger diwidendleriň hakyky eýesi, bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, diwidendleri töleýän kompaniýa öz dahyllysy bolan beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa we diwidendleri tölemek babatdaky gatnaşygy şeýle hemişelik wekilçilik bilen hakykatdan hem bagly bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Eger Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolup durýan kompaniýa beýleki Ylalaşýan Döwletden peýdany ýa-da girdejileri alýan bolsa; onda şol beýleki Döwlet şol kompaniýanyň töleýän diwidendlerinden hiç hili salgyt alyp bilmez; şeýle diwidendleriň şol beýleki Döwletiň dahyllysyna tölenýän ýa-da babatynda diwidendler tölenýän gatnaşylmagy hakykatdan-da şol beýleki Döwletde ýerleşen hemişelik wekilçilik bilen bagly bolan halatlary muňa girmeýär; şeýle hem hatda eger tölenýän diwidendler ýa-da paýlanmadyk peýda şol beýleki Döwletde ýüze çykýan peýdadan ýa-da girdejiden doly ýa-da bölekleýin ybarat bolsa-da alyp bilmez.

## 11-nji madda
## Göterimler

1. Ylalaşýan Döwletleriň birinde emele gelýän we beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna tölenilýän göterimlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ýöne şeýle göterimlere olar emele gelýän Ylalaşýan Döwletde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, emma şeýle göterimleriň hakyky eýesi beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolsa, şeýle görnüşde alynýan salgyt göterimleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däldir.

3. 2-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletde emele gelýän we şeýle göterimleriň hakyky eýesi bolup durýan, beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna tölenýän göterimlere, eger olar:

a) beýleki Ylalaşýan Döwletiň Hökümetine, şol sanda ýerli häkimiýet edaralaryna, Merkezi bankyna ýa-da şol Hökümete degişli ýa-da ol tarapyndan dolandyrylýan islendik edara ýa-da gurama (şol sanda maliýe edaralaryna);

b) beýleki Ylalaşýan Döwletiň Hökümeti tarapyndan kepillendirilen islendik zaýom ýa-da karz bilen bagly beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna, şol sanda ýerli häkimiýet edaralaryna, Merkezi bankyna ýa-da şol Hökümete degişli ýa-da ol tarapyndan dolandyrylýan islendik edara ýa-da gurama (şol sanda maliýe edaralaryna) tölenýän bolsa, diňe şol beýleki Döwletde salgyt salynýar;

ç) a) ýa-da b) kiçi bölümlerde görkezilişi ýaly, edara ýa-da gurama, hususan-da, Senagatda hyzmatdaşlyk boýunça fin gaznasyny (FINNFUND-y), Fin eksport-karz agentligini (Finnvera), Türkmenistanyň Merkezi bankyny we Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyny öz içine alýar.

11-nji maddanyň 3-nji bölümi ulanylýan, sanalyp geçilen edaralaryň ýa-da guramalaryň Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralarynyň arasynda wagtal-wagtal ylalaşylyp bilinjekdigi barada ylalaşyga gelindi.

4. «Göterimler» adalgasy şu maddada ulanylan mahaly gozgalmaýan emläk üçin berilýän karzyň zamun (ipoteka) üpjünçiligine we bergidaryň girdejilerine gatnaşmak üçin hukugynyň bardygyna garamazdan, islendik görnüşdäki bergi talaplaryndan girdejini we hususan-da, döwletiň gymmatly kagyzlaryndan, obligasiýalaryndan ýa-da bergi borçnamalaryndan girdejini, şol sanda şol gymmatly kagyzlar we obligasiýalar ýa-da bergi borçnamalary boýunça baýraklary we utuşlary aňladýar. Wagty geçirilen tölegler üçin jerimelere şu maddanyň maksatlary üçin göterimler hökmünde garalmaýar.

5. Eger göterimleriň hakyky eýesi Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolmak bilen, göterimler emele gelýän beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa hem-de göterimleriň tölenilmegine esas bolýan bergi talaby şeýle hemişelik wekilçilige hakykatdan hem degişli bolsa, 1-nji, 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

6. Eger göterimleri töleýji şol Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolsa, göterimler Ylalaşýan Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanylýar. Ýöne, eger göterimleri töleýji tarapyň Ylalaşýan Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, Ylalaşýan Döwletde onuň göterimleriň tölenilmegine bagly hemişelik wekilçiligi bar bolsa we şol göterimleri hem-de olary tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik çekýän bolsa, onda şeýle göterimler hemişelik wekilçilik ýerleşýän Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanylýar.

7. Eger göterimleriň töleýjisiniň we hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsy-da bolsa başga bir tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli, göterimleriň tölenilmegine esas bolan bergi talabyna degişli göterimleriň jemi, göterimleriň töleýjisiniň we hakyky eýesiniň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşylyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, her bir Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga öňküsi ýaly degişlidir.

## 12-nji madda
## Awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler

1. Ylalaşýan Döwletleriň birinde döreýän we hakyky eýesi beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejilere, şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şuňa meňzeş awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejilere hem olaryň döreýän Ylalaşýan Döwletinde bu Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, ýöne awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan şeýle girdejileriň hakyky eýesi beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, şeýle ýagdaýda salynýan salgyt awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň umumy möçberiniň 10 göteriminden geçmeli däldir.

3. «Awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler» adalgasy şu maddada ulanylan mahaly islendik edebiýat, sungat ýa-da ylmy eserler, şol sanda kinofilmler hem-de radio we telewideniýe ýazgylary üçin

awtorlyk hukuklarynyň, islendik patentiň, söwda nyşanynyň, dizaýnyň ýa-da modeliň, ülňiniň, gizlin formulanyň ýa-da amallar ulgamynyň ulanylmagy ýa-da ulanmaga hukuk üçin hak, ýa-da senagat, täjirçilik, ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlary peýdalanmak ýa-da peýdalanmaga hukuk üçin hak hökmünde alynýan islendik görnüşdäki tölegleri aňladýar.

4. Eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň hakyky eýesi, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolmak bilen, awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň emele gelýän beýleki Ylalaşýan Döwletinde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa we awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler tölenýän hukuk ýa-da emläk şol hemişelik wekilçilik bilen hakykatdan hem bagly bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Eger girdejileri töleýji şol Döwletiň dahyllysy bolan halatda awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler şol Ylalaşýan Döwletde ýüze çykdy diýlip hasaplanýar. Ýöne, eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileri töleýjiniň Ylalaşýan Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, Ylalaşýan Döwletde awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileri tölemek boýunça özi barada bergi döreýän hemişelik wekilçilik bar bolsa we şeýle awtorlyk gukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler şol hemişelik wekilçiligiň hasabyna tölenýän bolsa, onda şeýle awtorlyk gukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler hemişelik wekilçilik ýerleşýän şol Döwletde ýüze çykdy diýip hasaplanylýar.

6. Eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileri töleýjiniň we hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsydyr başga bir tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli, özleri üçin tölenýän ulanmaga hukuga ýa-da maglumatlara degişli awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň möçberi töleýjiniň we hakyky eýesiniň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşylyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber barada ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, her bir Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga öňküsi ýaly degişlidir.

## 13-nji madda
## Maýanyň artyşy

1. Ylalaşýan Döwletiň biriniň dahyllysynyň 6-njy maddada kesgitlenen we beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gözgalmaýan emlägini aýrybaşgalamakdan alýan girdejilerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy tarapyndan aktiwleri kompaniýanyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň ýarsyndan köpüsini düzýän paýnamalaryň ýa-da beýleki korporatiw hukuklarynyň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň bir bölegi bolan gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere, şol sanda şeýle hemişelik wekilçiligiň (aýratynlykda ýa-da tutuş kärhana bilen bilelikde) aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

4. Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämilerini ýa-da şeýle deňiz ýa bolmasa howa gämileriniň ulanylmagy bilen bagly gozgalýan emlägi aýrybaşgalamakdan alýan girdejileri diňe şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

5. Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy tarapyndan harytlary we önümleri daşamak üçin ulanylýan konteýnerleri (şol sanda treýlerleri, baržany we degişli tehnikany) aýrybaşgalamakdan alýan girdejilerine diňe şol Döwletde salgyt salynýar, şol konteýnerleriň diňe beýleki Ylalaşýan Döwletiň çäklerindäki nokatlaryň arasynda harytlary we önümleri daşamak üçin ulanylmagy muňa girmeýär.

6. Şu maddanyň ýokarky bölümlerinde gürrüňi edilýänden başga islendik emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alnan girdejiler diňe emlägi aýrybaşgalaýan tarap dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

## 14-nji madda
## Hakyna tutma işden alynýan girdejiler

1. 15-nji, 17-nji we 18-nji maddalaryň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy tarapyndan hakyna tutma iş bilen bagly alnan zähmet hakyna we beýleki şoňa meňzeş hak-heşdege eger, diňe hakyna tutma iş beýleki Ylalaşýan Döwletde amala aşyrylmaýan bolsa, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir. Eger hakyna tutma iş şeýle görnüşde amala aşyrylýan bolsa, onda şonuň bilen bagly hak-heşdege şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde amala aşyrylýan hakyna tutma iş bilen bagly alýan hak-heşdegine, eger:

a) alyjy beýleki Döwletde degişli salgyt ýylynda başlanýan ýa-da tamamlanýan islendik on iki aýlyk döwrüň dowamynda jemi 183 günden geçmeýän döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda bolýan bolsa, we

b) hak-heşdek beýleki Döwletiň dahyllysy bolmadyk hakyna tutujy tarapyndan ýa-da hakyna tutujynyň adyndan tölenýän bolsa; we

ç) hak-heşdegi tölemek boýunça çykdajylary hakyna tutujynyň beýleki Döwletdäki hemişelik wekilçiligi çekmeýän bolsa; we

d) hakyna tutma iş zähmetiň hödürlenmeginiň halaty bolup durmaýan bolsa, diňe birinji bellenen Döwletde salgyt salynýar.

3. Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisiniň, ýa-da içerki suw ýollarynda gatnatmalarda ulanylýan gäminiň bortunda amala aşyrylýan hakyna tutma iş bilen bagly alynýan hak-heşdege şol kärhananyň hakyky dolandyrylýan ýeri ýerleşýän şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

**15-nji madda**
**Direktorlaryň gonorarlary**

Direktorlaryň gonorarlaryna we Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy bolan kompaniýanyň direktorlar geňeşiniň ýa-da kompaniýanyň şonuň ýaly başga bir islendik edarasynyň agzasy hökmünde alýan başga şonuň ýaly töleglerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

**16-njy madda**
**Artistler we türgenler**

1. 7-nji we 14-nji maddalaryň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysynyň teatryň, kinonyň, radionyň ýa-da telewideniýäniň artisti, ýa-da sazanda ýaly sungat işgäri hökmünde ýa-da türgen hökmünde Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde amala aşyrýan öz şahsy işinden alýan girdejisine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Eger-de sungat işgäriniň ýa-da türgeniň amala aşyrýan şahsy işinden girdeji sungat işgäriniň ýa-da türgeniň özüne däl-de, başga bir tarapa hasaplanyp ýazylýan bolsa, onda 7-nji we 14-nji maddalaryň düzgünlerine garamazdan, şol girdejä sungat işgäriniň ýa-da türgeniň işi amala aşyrylýan Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

**17-nji madda**
**Pensiýalar, annuitetler we şoňa meňzeş tölegler**

1. 18-nji maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna öňki hakynatutma iş bilen bagly tölenilýän pensiýalar we şunuň ýaly beýleki tölegler diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine we 18-nji maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerine laýyk gelýändigine garamazdan, tölenen pensiýalara we beýleki ýeňilliklere ýa-da Ylalaşýan Döwletiň durmuş üpjünçiligi hakyndaky kanunçylygy esasynda, ýa-da Ylalaşýan Döwlet tarapyndan durmuş üpjünçiligi maksady bilen döredilen döwlet meýilnamasynyň esasynda, ýa-da Ylalaşýan Döwletde döreýän islendik annuitetiň esasynda bellenýän, döwürleýin ýa-da birwagtlaýyn tölenen öwezini dolma puluna şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. «Annuitetler» adalgasy şu maddada ulanylyşy ýaly, degişli tölegi we pulda doly öwezini dolmagy ýa-da pulda añladylan bahasyny tölemegi amala aşyrmak (hyzmatlar üçin öwezini dolmadan başga) boýunça borçnama laýyklykda, şahsy tarapa onuň ömrüniň dowamynda ýa-da kesgitlenen, ýa-da bellenen wagtyň dowamynda kesgitli wagtlarda döwürleýin tölenýän, bellenen möçberdäki pul möçberini añladýar.

**18-nji madda**
**Döwlet gullugyndan girdejiler**

1. a) Ylalaşýan Döwlet ýa-da onuň ýerli edara ediş birligi ýa bolmasa ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy tarapyndan şahsy tarapa şol Döwlete ýa bolmasa onuň edara ediş birligine ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyna edýän hyzmatlary üçin tölenýän zähmet hakyna we beýleki şoňa meňzeş hak-heşdegine diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

b) Emma şeýle zähmet hakyna we beýleki şunuň ýaly hak-heşdege, munuň üçin hyzmatlar şol Döwletde edilýän bolsa we şahsy tarap şol Döwletiň dahyllysy bolsa, ol:

(i) şol Döwletiň milli tarapy bolsa; ýa-da

(ii) diňe hyzmatlary etmek maksady bilen, şol Döwletiň dahyllysy bolmadyk bolsa, diňe şol beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. a) 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwlet ýa-da onuň edara ediş birligi ýa bolmasa ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy, ýa olaryň döreden gaznalary tarapyndan şahsy tarapa şol Döwlete ýa-da onuň

edara ediş birligine ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyna eden hyzmatlary üçin tölenilýän pensiýa we beýleki şoňa meňzeş hak-heşdege diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

b) Emma şahsy tarap şol Döwletiň dahyllysy ýa-da milli tarapy bolsa, şeýle pensiýalara we beýleki şoňa meňzeş hak-heşdege diňe şol beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

3. 14, 15, 16 we 17-nji maddalaryň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň, onuň edra ediş birliginiň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň telekeçilik işini amala aşyrmagy bilen baglanyşykly edilýän hyzmatlar babatdaky zähmet haky, pensiýalar we beýleki şunuň ýaly hak-heşdek babatda ulanylar.

## 19-njy madda
## Talyplar

Ylalaşýan Döwletleriň birine gelmeginden öň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy bolup durýan ýa bolan we birinji agzalan Döwletde diňe okamak ýa-da tejribe geçmek maksady bilen bolýan talyp ýa-da tejribe toplaýjy tarapyndan ýaşamak, okamak we tejribe geçmek maksatlary üçin alynýan tölegler şol Döwletiň çäklerinden daşardaky çeşmelerden tölenilýän bolsa, olara salgyt salynmaýar.

## 20-nji madda
## Beýleki girdejiler

1. Ylalaşýan Döwletiň biriniň dahyllysynyň girdejileriniň şu Konwensiýanyň ýokardaky maddalarynda görkezilmedik görnüşleri, dörän çeşmesine garamazdan, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Eger 6-njy maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlemesi berlen gozgalmaýan emläkden alynýan girdejileriň alyjysy Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolmak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa we özi babatda girdeji tölenýän hukuk ýa-da emläk şeýle hemişelik wekilçilik bilen hakykatdan-da bagly bolsa, onda 1-nji bölümiň düzgünleri 6-njy maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlenmesi berlen gozgalmaýan emläkden alynýandan başga girdejiler babatda ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

## 21-nji madda
## Iki gezek salgyt salmagyny aradan aýyrmak

1. Fin kanunçylygynyň halkara derejesinde iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmaga degişli düzgünlerine laýyklykda (olar şondan umumy ýörelgelere degişlidir), Finlýandiýada iki gezek salgyt salynmagy şu aşakdaky görnüşde aradan aýrylýar:

a) eger Finlýandiýanyň dahyllysy şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda Türkmenistanda salgyt salynmaga degişli edilip bilinjek girdejini alýan bolsa, Finlýandiýa «b» kiçi bölüminiň şertlerinde Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda we Ylalaşyga laýyklykda, şol tarapdan Türkmenistanda tölenen laýyk möçberdäki puly fin salgydyndan aýyrmaga, şeýle hem şol salgyt babatda degişli derejedäki fin salgydyny aýyrmaga mümkinçilik berer.

b) Türkmenistanyň kompaniýasy-dahyllysy tarapyndan Finlýandiýanyň kompaniýasyna-dahyllysyna tölenýän diwidendler we diwidendleri töleýän kompaniýada ses bermäge azyndan 10 göterim möçberde gatnaşmaga göni hukuga eýe bolan tarap fin salgydyndan boşadylýar.

ç) eger Ylalaşygyň islendik düzgünine laýyklykda Finlýandiýanyň dahyllysynyň alýan girdejisi Finlýandiýada salgytdan boşadylan bolsa, Finlýandiýa, muňa garamazdan, şeýle tarapyň galan girdejisi boýunça salgydyň möçberi hasaplananda, salgytdan boşadylan girdejini nazara alýar.

2. Türkmenistanda iki gezek salgyt salynmagy şeýle ýagdaýda aradan aýrylýar:

a) Eger Türkmenistanyň dahyllysynyň alýan girdejisine Finlýandiýada şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda salgyt salnyp bilinjek bolsa, Türkmenistan şeýle dahyllynyň Finlýandiýada tölän salgydyna barabar möçberini girdeji üçin salgydyndan kemmäge rugsat berýär. Ýöne şeýle kemme girdeji üçin salgydyň Finlýandiýada salgyt salnyp bilinjek, girdejilere degişli bolan kemmäge rugsat berilmegine çenli hasaplanan böleginden geçmeli däldir.

b) Eger Ylalaşygyň islendik düzgünine laýyklykda Türkmenistanyň dahyllysy tarapyndan alnan girdeji Türkmenistanda salgytdan boşadylan bolsa, Türkmenistan, muňa garamazdan, şeýle dahyllynyň galan girdejisi boýunça salgydyň möçberini hasaplanda salgytdan boşadylan girdejini hasaba alýar.

## 22-nji madda
## Kemsitmezlik

1. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň milli taraplary beýleki Ylalaşýan Döwletde şol beýleki Döwletiň hut şol ýagdaýlarda, hususan-da, dahyllylyk babatda milli taraplarynyň sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan ýa-da şonuň bilen bagly borçlardan başga, ýa bolmasa has agyr salgyt salmak bilen bagly islendik salgyt salynmagyna, ýa-da onuň bilen bagly borçlara sezewar edilmeli däldir. Şu düzgün 1-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem dahyllysy bolup durmaýan taraplar barada hem ulanylýar.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletdäki hemişelik wekilçiligi babatdaky salgyt salmak düzgüni şol beýleki Döwletiň şeýle işi amala aşyrýan kärhanalar baradaky salgyt salmak düzgüninden az amatly bolmaly däldir. Şu düzgün Ylalaşýan Döwletleriň birini öz dahyllylaryna olaryň raýatlyk hukuk ýagdaýy ýa-da maşgala ýagdaýy esasynda salgyt salmak maksady bilen berýän haýsydyr bir şahsy salgyt ýeňillikleri, kemmeleri we indirimleri beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna üpjün etmäge borçly edýän hökmünde düşündirilmeli däldir.

3. 9-njy maddanyň 1-nji bölüminiň, 11-nji maddanyň 7-nji bölüminiň ýa-da 12-nji maddanyň 5-nji bölüminiň düzgünleri ulanylandan başga halatlarda, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna töleýän göterimleri, roýaltileri we beýleki tölegleri şeýle kärhananyň salgyt salynýan peýdasyny kesgitlemek maksady bilen, olar birinji agzalan Döwletiň dahyllysyna tölenendäki ýaly şertlerde kemilmäge degişlidir. Hut şonuň ýaly, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysyna islendik bergisi şol kärhananyň salgyt salynýan maýasyny kesgitlemek maksady bilen, birinji agzalan Döwletiň dahyllysyna bolan bergi babatdaky ýaly hut şol bir şertlerde kemilmäge degişlidir.

4. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň maýasy beýleki Ylalaşýan Döwletiň bir ýa-da birnäçe dahyllysyna doly ýa-da bölekleýin degişli bolan ýa-da olar tarapyndan gözegçilik edilýän kärhanalary birinji agzalan Döwletde şol Döwletiň şonuň ýaly beýleki kärhanalary babatda sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan we onuň bilen bagly borçlardan başga ýa-da has agyr islendik salgyt salynmagyna ýa-da onuň bilen bagly islendik borçlara sezewar edilmeli däldir.

5. 2-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, şu maddanyň düzgünleri islendik görnüşli we kysymly salgytlar barada ulanylýar.

## 23-nji madda
## Özara ylalaşmak amaly

1. Eger tarap Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem hereketleri şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna getirýär ýa-da getirer diýip hasap edýän bolsa, ol şu Döwletleriň içerki kanunçylygynda göz öňünde tutulan gorag serişdelerine garamazdan, özi dahyllysy bolup durýan Ylalaşýan Döwletiň ýa-da onuň işi 23-nji maddanyň 1-nji bölüminiň täsirine düşýän bolsa, onda özi milli tarapy bolan Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasyna arza berip biler. Arza şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna getirýän hereketler hakyndaky ilkinji habarnamanyň alnan pursadyndan başlap, üç ýylyň dowamynda berilmelidir.

2. Eger ygtyýarly edara arzany esasly hasap etse we özi kanagatlanarly çözgüde gelip bilmese, şu Ylalaşyga laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, meseläni beýleki Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasy bilen özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşar. Gazanylan islendik ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň içerki kanunçylygynda bar bolan haýsydyr bir wagtlaýyn çärklendirmelere garamazdan, ýerine ýetiriler.

3. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary Ylalaşyk düşündirilen ýa-da ulanylan mahaly ýüze çykýan islendik kynçylyklary ýa-da şübheleri özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşarlar. Olar şeýle hem şu Ylalaşykda göz öňünde tutulmadyk halatlarda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak maksadyna eýerip, bir-biri bilen geňeşip bilerler.

4. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary ýokardaky bölümlere düşünmekde ylalaşyk gazanmak maksady bilen, bir-biri bilen, şol sanda olaryň özlerinden ýa-da wekillerinden düzülen bilelikdäki toparyň üsti bilen göni gatnaşykda bolup bilerler.

## 24-nji madda
## Maglumatlary alyşmak

1. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Ylalaşygyň ýa-da Ylalaşýan Döwletleriň ýa-da olaryň edara ediş birliginiň ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň alýan, islendik görnüşli we bellenen salgytlaryna degişli, edara etmek ýa-da içerki kanunçylygyň düzgünlerini ulanmak babatda zerur bolan şeýle maglumatlary şu Ylalaşyga ters gelmeýän derejede alyşýarlar. Maglumatlary alyşmak 1-nji we 2-nji maddalar bilen çäklenmeýär.

2. 1-nji bölüme laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň biri tarapyndan alnan islendik maglumat şol Döwletiň içerki kanunçylygynyna laýyklykda alnan maglumat ýaly gizlin hasap edilýär we 1-nji bölümde görkezilen salgytlara degişli salgytlar babatdaky maglumatlara baha bermek ýa-da toplamak, mejbury töletdirmek ýa bolmasa kazyýet taýdan yzarlamak, ýa-da şikaýatlara garamak bilen meşgullanýan taraplara ýa-da edaralara (şol sanda kazyýetler we dolandyryş edaralary) habar berilýär. Şeýle taraplar ýa-da edaralar şol maglumatlary diňe görkezilen maksatlar bilen ulanmalydyrlar. Olar şol maglumatlary açyk kazyýet mejlisiniň barşynda ýa-da kazyýet çözgütleri kabul edilen mahaly aýan edip bilerler. Ýokardaky düzgünlere garamazdan, Ylalaşýan Döwlet tarapyndan alnan maglumat iki Döwletiň hem kanunçylgyna laýyklykda şeýle başga maksatlar üçin ulanylyp bilinjek halatynda ulanylyp bilner, şeýle halatda ygtyýarly edara Döwlete şeýle hukugy kanunlaşdyrmaga hödürleýär.

3. Hiç bir halatda 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň üstüne şu borçlary ýükleýän hökmünde düşündirilmez:

a) ol ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna ýa-da edara ediş tejribesine ters gelýän edara ediş çärelerini geçirmek;

b) ol ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygy boýunça ýa-da adaty edara ediş tejribesiniň barşynda alyp bolmaýan maglumatlary bermek;

ç) haýsydyr bir söwda, telekeçilik, senagat, täjirçilik ýa-da hünär syryny, ýa bolmasa söwda amalyny aýan etjek maglumatlary, ýa-da aýan edilmegi döwlet syýasatyna (jemgyýetçilik tertibine) ters geljek maglumatlary bermek.

4. Eger maglumat Ylalaşýan Döwletleriň biri tarapyndan şu madda laýyklykda soralan bolsa, beýleki Ylalaşýan Döwlet hatda şeýle maglumat şol beýleki Döwlete öz salgyt maksatlary üçin zerur bolmasa-da, soralan maglumaty almak üçin maglumat toplamak boýunça öz çärelerini ulanmalydyr. Ýokardaky sözlemdäki borçnama 3-nji bölümiň düzgünleri bilen çäklendirilendir, ýöne hiç bir halatda şeýle çäklendirmeler Ylalaşýan Döwlete diňe içerki gyzyklanmanyň ýokdugy sebäpli maglumaty bermekden ýüz döndermäge ygtyýar berýän hökmünde düşündirilip bilinmez.

5. Hiç bir halatda 3-nji bölümiň düzgünleri Ylalaşýan Döwlete diňe maglumatyň eýesi bank, beýleki maliýe edarasy, nominal saklaýjy ýa-da ýumuşçy ýa-da ynanylan wekil bolup çykyş edýän tarap bolup durýandygy sebäpli, ýa-da maglumatyň tarapyň eýeçilik hukuklaryna degişlidigi sebäpli, maglumaty bermekden ýüz döndermäge ygtyýar berýän hökmünde düşündirilmez.

**25-nji madda**
**Diplomatik wekilhanalaryň**
**we konsullyk edaralaryň işgärleri**

Şu Ylalaşygyň hiç bir düzgüni diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işgärleriniň halkara hukugynyň umumy kadalary arkaly ýa-da ýörite ylalaşyklaryň düzgünleri esasynda bellenen salgyt ýeňillliklerine täsir etmeýär.

**26-njy madda**
**Güýje girmegi**

1. Ylalaşýan Döwletleriň Hökümetleri şu Ylalaşygyň güýje girmegi üçin içerki döwlet kanunçylygy boýunça zerur bolan amallaryň tamamlanandygy barada diplomatik ýollar bilen bir-birine ýazmaça görnüşde habar berýärler.

2. Ylalaşyk 1-nji bölümde görkezilen habarnamalaryň senesinden soňra otuz günüň dowamynda güýje girýär we onuň düzgünleri:

a) Finlandiýada:

i) çeşmesinden alynýan salgytlar babatda Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da şondan soň alnan girdejiler barada;

ii) salgyt salynmaga degişli girdejiler üçin beýleki salgytlar babatda Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da şondan soň başlanýan islendik senenama ýyly üçin ulanylýar;

b) Türkmenistanda:

i) çeşmesinden alynýan salgytlar babatda Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da şondan soň alnan girdejiler barada;

ii) salgyt salynmaga degişli girdejiler üçin beýleki salgytlar babatda Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da şondan soň başlanýan islendik salgyt ýyly üçin ulanylýar.

**27-nji madda**
**Hereketiniň bes edilmegi**

Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň biri onuň hereketini bes edýänçä güýjünde galýar. Islendik Ylalaşýan Döwlet Ylalaşygyň güýje giren

senesinden bäş ýylyň tamalanmagy boýunça islendik senenama ýylynyň tamamlanmagyndan azyndan alty aýdan gijä galman şu Ylalaşygy ýatyrmak baradaky habarnamany diplomatik ýollar boýunça ibermek arkaly onuň hereketini bes edip biler. Şeýle halatda şu Ylalaşyk:

a) Finlandiýada:

i) güýjüni ýatyrmak baradaky habarnama iberilen ýyldan soň gelýän senenama ýylynyň 1-nji ýanwarynda ýa-da şondan soň alnan girdejileriň çeşmesinden tutulyp alynýan salgytlar babatda;

ii) güýjüni ýatyrmak hakyndaky habarnama iberilen ýyldan soň gelýän senenama ýylynyň 1-nji ýanwarynda ýa-da 1-nji ýanwaryndan soň başlanýan islendik salgyt salynýan ýyl üçin girdejilere salynýan beýleki salgytlar barada öz hereketini bes edýär;

b) Türkmenistanda:

i) güýjüni ýatyrmak baradaky habarnama iberilen ýyldan soň gelýän senenama ýylynyň 1-nji ýanwarynda ýa-da şondan soň alnan girdejileriň çeşmesinden tutulyp alynýan salgytlar babatda;

ii) güýjüni ýatyrmak hakyndaky habarnama iberilen ýyldan soň gelýän senenama ýylynyň 1-nji ýanwarynda ýa-da 1-nji ýanwaryndan soň başlanýan islendik salgyt salynmaga degişli islendik senenama ýyly üçin girdejilere salynýan beýleki salgytlar barada öz hereketini bes edýär.

Muňa güwä geçmek hökmünde degişli derejede ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Ylalaşyga gol çekdiler.

Aşgabat şäherinde 2015-nji ýylyň «12» dekabrynda her biri türkmen, fin we iňlis dillerinde amal edildi, özi-de ähli üç dildäki nusganyň hem birmeňzeş güýji bardyr. Islendik nusgalaryň arasynda çaprazlyklar ýüze çykan halatda iňlis dilindäki nusga ileri tutular.

| **Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan** | **Finlandiýa Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan** |
|---|---|

**Ylalaşyk 10.02.2017-nji ýylda güýje girdi**